# Gahryman Arkadagymyzyň Gazagystan Respublikasyna dostlukly sapary başlandy

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow dostlukly sapar bilen Gazagystan Respublikasyna ugrady. Paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinde Gahryman Arkadagymyzy ýurdumyzyň resmi adamlary ugratdylar.

Türkmenistan oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty yzygiderli durmuşa geçirip, sebit we ählumumy derejede köpugurly hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi ugrunda çykyş edýär. Şunda Merkezi Aziýa döwletleri, şol sanda Gazagystan bilen däp bolan gatnaşyklar nusgalyk häsiýete eýedir. Sebitiň ýurtlarynyň halklary bilen türkmen halkyny medeni-ruhy gymmatlyklaryň umumylygy, taryhyň dowamynda emele gelen dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary baglanyşdyrýar.

Gazagystan Türkmenistanyň wagtyň synagyndan geçen möhüm hyzmatdaşydyr. Iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklar uzak möhletleýinlik, özara bähbitlilik ýörelgelerine laýyklykda ýola goýulýar. Ýurtlarymyz soňky ýyllarda döwletara gatnaşyklaryň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda ösdürilmegine uly ähmiýet berýär. Türkmenistan we Gazagystan ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek bilen, halklarymyzyň gadymdan gelýän doganlyk, birek-birege hormat goýmak, döwletlerimiziň parahatçylyk söýüjilik we ynsanperwerlik däplerine ygrarlylyk ýörelgelerinden ugur alýarlar.

Все права защищены




Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025

…Birnäçe wagtdan soňra, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň uçary Türküstan şäheriniň iki ýurduň Döwlet baýdaklary bilen bezelen Hazret Sultan Halkara howa menziline gelip gondy. Haly ýodajygynyň iki tarapynda Hormat garawulynyň esgerleri nyzama düzülipdir. Bu ýerde belent mertebeli türkmen myhmanyny Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew we beýleki resmi adamlar mähirli garşyladylar.

Gazagystan Respublikasyna saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türküstan şäherindäki Hazret Sultan milli muzeý-goraghanasyna baryp gördi.

Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk umumy taryhy, medeniýeti we däp-dessurlary bolan iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklary pugtalandyrmakda möhüm ähmiýete eýedir. Ýurtlarymyz dürli ulgamlarda, şol sanda ylym, bilim, medeniýet, sungat we sport ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürýärler. Yzygiderli geçirilýän dürli medeni çäreler, özara Medeniýet günleri, sergiler, festiwallardyr konsertler doganlyk halklarymyzy has-da ýakynlaşdyrmaga ýardam berýär. Medeni mirasy gorap saklamak babatdaky bilelikdäki işler hem hyzmatdaşlygyň möhüm ugry bolup durýar. Iki döwletiň baý taryhy mirasy bar we bu ugurdaky bilelikdäki tagallalar dostlukly gatnaşyklary has-da pugtalandyrýar. Medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk syýahatçylyk ulgamyny-da öz içine alýar. Şunda ýurtlarymyzyň taryhy we medeni ýadygärlikleri bilen tanyşdyrýan syýahatçylyk ugurlarynyň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025

Gahryman Arkadagymyzyň Gazagystan Respublikasyna dostlukly sapary başlandy



…Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň we Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň bilelikdäki awtoulag kerweni Hazret Sultan milli muzeý-goraghanasyna gelýär. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyz hem-de dostlukly ýurduň Baştutany mähirli garşylanyldy we Türküstan şäheriniň taryhy barada gürrüň berildi.

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025

Türküstan Gazagystanyň günortasynda ýerleşýän iň gadymy şäherleriň biridir. Bu gadymy şäher alymlaryň, şahyrlardyr filosoflaryň mekany bolupdyr. Bu ýerde Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähi hem ýerleşýär. Türküstanyň medeni mirasy köpdürli we köptaraplydyr. Bu şäher öz däp-dessurlary, senetçilik sungaty bilen meşhurdyr. Ýerli senetçiler gadymdan gelýän tärlerdir usullar bilen dürli küýzegärlik, haly we dokma önümlerini taýýarlaýarlar. Türküstan nesilden-nesle geçirilip gelinýän aýdym-saz däpleri bilen hem bellidir.

Ýeri gelende, türkmen topragynda hem Goňurdepe, Garadepe, Namazgadepe, Altyndepe, Jeýtun we Änew ýaly dünýäniň ilkinji ekerançylyk medeniýeti bolan ýadygärlikleriň bardygyny bellemek gerek. “Nusaý”, “Köneürgenç”, “Gadymy Merw”, “Gadymy Dehistan”, “Kerki”, “Abiwerd”, “Köne Sarahs”, “Gökdepe galasy” döwlet taryhy-medeni goraghanalary bolsa ýurdumyzyň taryhyny öwrenmek üçin özboluşly muzeýlerdir. Türkmen toparagynda Merkezi Aziýada iň belent ymaratlaryň biri bolan Gutlug Temiriň minarasy, Soltan Alaeddin Tekeşiň, Törebeg hanymyň, Nejmeddin Kubranyň, Il Arslanyň, Piryar Weliniň, Seýit Ahmediň aramgähleri we orta asyr binagärliginiň beýleki ýadygärlikleri bar. Olar şekillendiriş sungatynyň ýokary kämillik derejesi bilen tapawutlanýar, milli binagärligiň müňýyllyklara uzaýan ýörelgeleriniň dowamatlylygyny äşgär edýär. Arheologlardyr syýahatçylaryň ünsüni çekýän gadymy şäherleriň hatarynda Gadymy Nusaý aýratyn orny eýeleýär. Türkmenleriň köpasyrlyk taryhynyň dowamynda guran Parfiýa döwleti irki döwürleriň beýik döwletleriniň biri hökmünde alty asyrlap özbaşdaklygyny saklapdyr.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistanda milli taryhy-medeni mirasy öwrenmek we aýawly saklamak boýunça möhüm işler durmuşa geçirilýär. Türkmen halky ösen sungaty, nusgawy ýörelgeleri, gaýtalanmajak medeni mirasy bilen dünýäde giňden tanalýar. Ýurdumyzda milli medeniýet ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, milli mirasyň gymmatlyklaryny öwrenmek we gorap saklamak, dünýä ýaýmak boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar.

Все права защищены



…Milli muzeý-goraghanasy bilen tanyşlygyň çäklerinde Gahryman Arkadagymyz we Prezident Kasym-Žomart Tokaýew, ilki bilen, Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähine barýarlar. Aramgähiň içinde Türkmenistanyň we Gazagystanyň müftüleri Gurhandan aýat okaýarlar hem-de doga-dileg edýärler.

Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähi Türküstan şäherinde (ozalky Ýassy obasy) ýerleşip, gümmezler bilen bezelen, ini 46,5 metr, uzynlygy 65,5 metr bolan gönüburçluk şekilindäki ägirt uly binadyr. Onuň daşky diwarlarynyň galyňlygy 2 metre, merkezi zalyň diwarynyň galyňlygy bolsa 3 metre deňdir. Aramgähde dürli otaglardyr zallaryň 36-sy bar. Diwarlary mawy plita bilen örtülen merkezi zalda diametri 2,45 metre, agramy 2 tonna golaý ägirt uly gazan ýerleşýär. Bu gazanda juma namazyna gelen adamlar üçin nahar taýýarlanypdyr. Şeýle hem bu ýerde Teýmirleňiň aramgähe beren sowgady — bürünçden ýasalan çyra bar.

Desganyň içinde Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähi, onuň hüjresi, Uly köşk, Kiçi köşk, Kiçi metjit, kitaphana, guýy we naharhana ýaly binalar ýerleşýär. Aramgähiň töweregindäki meýdança Hazret Sultan milli muzeý-goraghanasynyň çägine degişli. Aramgäh orta asyr

Все права защищены

binagärlik sungatyna degişlidir. Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähi 1385 — 1405-nji ýyllarda emir Timuryň (Teýmirleň) buýrugy boýunça gurlupdyr. Binanyň gurluşygynda öz döwrüniň öňdebaryjy binagärlik çözgütleri ulanylypdyr.

Milli Liderimiziň "Ömrümiň manysy" atly ajaýyp kitabynda belleýşi ýaly, «Medinede — Muhammet, Türküstanda — Hoja Ahmet» diýlip, belent mertebä eýe bolan ussat, ýasawylyk mekdebini esaslandyran, müňlerçe talyp ýetişdiren Hoja Ahmet Ýasawy türkmeniň orta asyr sopuçylyk edebiýatynyň başyny çekýär. «Türküstan piri» diýlip atlandyrylyp, mertebeli sopular tarapyndan uly hormata mynasyp bolan Hoja Ahmet Ýasawy diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, bütin türki halklaryň arasynda-da örän meşhurdyr. Gahryman Arkadagymyz bu eserinde Hoja Ahmet Ýasawynyň töweregine ýüzlerçe müridi, talyplary ýygnap, bu uly akymyň ýasawylyk ugruny esaslandyrandygyny nygtaýar. Dini-ahlaky hikmet görnüşindäki şygyrlarynda Ýasawy hem, soňra onuň ýoluny mynasyp dowam etdiriji derwüş-sopular hem täze pikirleri, Allatagala bolan söýgüsini, duýgusyny halkyň düşünip, aňlap biljek dilinde we derejesinde beýan edipdirler. Şonuň üçin-de, adamlar bu sopuçylyk akymyny çalt hem ýitilik bilen ýürekden kabul edipdirler. Hoja Ahmet Ýasawydan soňra onuň şägirtleri, müritleri bu ýoly uzak wagtlap dowam etdiripdirler.

Beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda Hoja Ahmet Ýasawynyň adynyň duş gelmegi Pyragynyň bu beýik şahsyýetiň döredijiligine uly sarpa goýandygyny görkezýär. Üç asyryň geçendigine garamazdan, häzirki wagtda Magtymgulynyň şygyrlary täze röwüşde ýaňlanýar we Türkmenistanyň çäklerinden has uzaklarda-da barha meşhurlyga eýe bolýar. Magtymgulynyň goşgulary Watana söýginiň, ynsanperwerligiň, parahatçylygyň, dost-doganlygyň, dürli medeniýetleriň we halklaryň arasynda özara ynanyşmagyň, hormat goýmagyň senasyna öwrüldi. Şahyryň goşgularyndaky hoşniýetli goňşuçylyk, dost-doganlyk ýörelgeleri Türkmenistanyň Bitaraplygynyň hem mazmunyny emele getirýär. Häzirki wagtda Magtymgulynyň döredijiligi halkara derejede dost-doganlygy pugtalandyrmaga hyzmat edýär.

…Soňra Gahryman Arkadagymyz hem-de dostlukly ýurduň döwlet Baştutany "Etnoaul" milli medeni toplumyna baryp görýärler. Bu ýerde türkmen halkynyň Milli Liderini hem-de Prezident Kasym-Žomart Tokaýewi gazak milli döredijilik topary mähirli garşylaýar. Toplumyň wekili gazak ak öýi, gazak halkynyň gadymy döwürlerde ulanan öý hojalyk esbaplary, haly önümleri we beýlekiler bilen tanyşdyrýar.

"Etnoaul" milli medeni toplumy "Kazanat" aýlawynyň çäginde 2 müň 500 inedördül metr meýdany tutýar. Toplumyň ähli ekspozisiýasy 30 sany ak öýde ýerleşdirilip, bu ýere gelýänleri gazak halkynyň baý taryhy, medeniýeti, sungaty, däp-dessurlary bilen tanyşdyrýar. Aýlawda adaty atly sport çäreleri bilen birlikde, gadymy çarwadarlaryň milli

Все права защищены

sport görnüşleri boýunça ýaryşlar hem geçirilýär. “Etnoaulda” saz we teatr sungaty festiwallary, suratkeşleriň, amaly-haşam sungatynyň wekilleriniň ussatlyk sapaklary, senetçilik we çeperçilik sergileri, köp sanly beýleki medeni çäreler geçirilýär. Toplum Hazret Sultan milli muzeý-goraghanasynyň düzümine girip, Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähiniň golaýynda ýerleşýär. Toplumyň ekspozisiýasy esasy iki bölege bölünýär we olaryň her biri çarwadarlaryň medeniýetiniň, durmuşynyň möhüm ugurlaryny açyp görkezýär. Bu ýerdäki ak öýlerde çarwadarlaryň ýaşaýyş-durmuş şertleri bilen tanşyp bolýan bolsa, orta asyr äheňinde ýerine ýetirilen senetçiler köçesindäki saman palçykdan ýasalan ussahanalarda çarwadarlaryň halyçylyk, zergärçilik, küýzegärçilik ýaly senetçiligi beýan edilýär.

Şeýle-de bu ýerde milli aşhananyň tagamlary taýýarlanylýar, medeniýet we sungat işgärleriniň gatnaşmagynda konsertler, şüweleňler geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen “Türkmeniň ak öýi” binalarynyň gurlandygyny bellemek gerek. Özboluşly binagärlik aýratynlygy bilen tapawutlanýan bu binalarda köpçülikleýin baýramçylyk dabaralary geçirilýär. Ak öý türkmen halkynyň aňynda dünýä gurluşynyň özboluşly nyşanyny janlandyrýar. Günüň tegelekligini esas edinen ak öý durmuşyň bakylygyny, paýhasyň we ruhy başlangyçlaryň dowamatlylygyny alamatlandyrýar. Ak öý agzybirligi, halklaryň arasyndaky dost-doganlygy, ynsanperwerligi hem özünde jemleýär.

“Etnoaul” milli medeni toplumy bilen tanyşlykdan soňra, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz hem-de Prezident Kasym-Žomart Tokaýew “Turkistan Visit Centre” syýahatçylyk-maglumat merkezine ugradylar. Ýol ugrunda Milli Liderimiz hem-de dostlukly ýurduň döwlet Baştutany ýadygärlik surata düşdüler.

Syýahatçylyk-maglumat merkezinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Prezident Kasym-Žomart Tokaýew Türküstan şäheri barada wideoşekile tomaşa edip, taryhy eksponatlar bilen tanyşdylar.

Döwrebap äheňde gurlan bu merkez Türküstanyň binagärlik keşbi bilen sazlaşykly utgaşýar. Desganyň bezeginde milli binagärlik däpleri we häzirki zaman gurluşyk tehnologiýalary öz beýanyny tapýar. Merkezdäki maglumat diwarlyklary, multimedia enjamlary taryhy ýadygärlikler, medeni çäreler, syýahatçylyk ugurlary barada giňişleýin maglumat berýär. Şeýle-de ol dürli hyzmatlary, şol sanda gezelençleri, dürli çäreleri guramak boýunça hyzmatlary hödürleýär. Bu ýerde ýerli senetçileriň ýasan sowgatlyk önümlerini-de satyn almak bolýar.

Bilim işi syýahatçylyk-maglumat merkeziniň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Merkez

Все права защищены

Türküstanyň taryhyna we medeniýetine bagyşlanan dürli ussatlyk sapaklaryny, okuwlardyr sergileri guraýar. Bu ýere gelýän myhmanlara sebitiň gadymy däp-dessurlary, senetçiligi, sungaty barada maglumat almaga, interaktiw çärelere gatnaşmaga mümkinçilik döredilýär. Mundan başga-da, merkez ýerli mekdepler we uniwersitetler bilen işjeň hyzmatdaşlyk alyp barýar hem-de ýaşlara öz ülkesiniň taryhyny, medeniýetini öwrenmek üçin amatly şertleri döredýär. Bu bolsa ýaşlarda medeni mirasa gyzyklanmany kemala getirmäge ýardam edýär. Merkezde işleýän ýolbeletler myhmanlara her bir desga barada dürli dillerde giňişleýin maglumat berýärler hem-de gezelençleriň täsirli geçmegine goşant goşýarlar. Merkez sebitiň özboluşly medeni mirasyny gorap saklamaga, syýahatçylygy ösdürmäge ýardam berýär.

Soňra Gahryman Arkadagymyz hem-de dostlukly ýurduň Prezidenti “Karavansaray Turkistan” syýahatçylyk toplumyna baryp görýärler.



“Karavansaray Turkistan” Gündogar ertekisi äheňinde gurlan syýahatçylyk toplumydyr. Bu

Все права защищены

ýerde myhmanlar Türküstanyň taryhy, senetçiligi, medeniýeti, sportuň milli görnüşleri bilen tanşyp bilýärler. Toplumyň çäginde 115 otagly döwrebap myhmanhana ýerleşýär.

Toplumdaky söwda-dynç alyş merkezlerinde dürli attraksionlar, şol sanda tomaşaçylary ertekiler dünýäsine gaýybana syýahata äkidýän 3D tehnologiýaly attraksionlar hereket edýär. Özboluşly binagärlik äheňinde ýerine ýetirilen söwda zolaklarynda dünýä belli brendleriň dükanlary ýerleşýär. Dürli konsepsiýaly myhmanhana, söwda zolaklary, guralýan medeni çäreler daşary ýurtly syýahatçylary özüne çekýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda hem syýahatçylyk pudagyny ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýändigini bellemek gerek. Hazaryň türkmen kenarynda döredilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy bu ugurda alnyp barylýan giň möçberli işleriň aýdyň netijesidir.

Hazaryň ekologik taýdan arassa kenarynda ýerleşen dünýä derejeli deňiz dynç alyş zolagy syýahatçylyk we dynç alyş ulgamyny ösdürmekde Türkmenistanyň gazananlarynyň aýdyň nyşany hasaplanýar. Ajaýyp myhmanhanalar, çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezleri, kottej şäherçeleri, seýilgäh-dynç alyş toplumlary we hyzmatlaryň ýokary derejesi Awazany köp sanly türkmenistanlylar, şeýle-de daşary ýurtly myhmanlar üçin özüne çekýän merkeze, maşgala bolup dynç almak üçin ajaýyp ýere, aýratyn-da, tomus dynç alyş möwsüminde gözel künjege öwürýär.

Amatly howa şertleri, Hazar deňziniň kenarýakasynyň baý şypahana kuwwaty, iň döwrebap tehnologiýalardan, innowasiýalardan, öňdebaryjy binagärlik hem-de inženerçilik-tehniki pikirlerden ugur alynmagy, öňde goýlan maksatlara ýetmek babatda oýlanyşykly çemeleşmeler Türkmenistanyň “deňiz merjenini” halkara syýahatçylygyň, şypahana-dynç alşyň hem-de sportuň ykrar edilen merkezine öwürýär.

Hazret Sultan milli muzeý-goraghanasy bilen tanyşlykdan soňra, Gahryman Arkadagymyz hem-de Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew hemmeler bilen hoşlaşyp, bu ýerden ugradylar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Gazagystan Respublikasyna sapary dowam edýär.

Все права защищены